***Dünýä medeniýetiniň ösüşine ägirt uly goşant goşan paýhasly pederlerimiziň ýhlasyndan dörän ahalteke bedewleri halkymyzyň milli buýsanjyna öwrüldi. Şu jähetden, ýakynda Monte-Karlo şäherinde geçirilen halkara sirk festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna goşan uly goşandy üçin halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy bagtyýar halkymyz üçin ýatdan çykmajak wakalaryň biri boldy.***

Türkmen ýigit-gyzlarynyň baş öwredilen ajaýyp atlary bilen özara düşünişmeginiň netijesinde, dünýäniň iň bir talapkär tomaşaçylarynyň söýgüsini gazanmagy başaran «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary halkara derejesinde iň gowy atçylyk-akrobatika toparlaryň biri hasaplanylýar. Bu topar 2007-nji ýylda döredilip, eýýäm 2013-nji ýylyň oktýabrynda Moskwada geçirilen sirk sungatynyň Bütindünýä festiwalyna gatnaşyp, festiwalyň ýörite eminleriniň baş baýragyna — «Altyn idol» kubogyna eýe boldy. Dünýäde iň gowy atçylyk sport topary hasaplanylýan topar dürli ýyllarda Werona şäheriniň (Italiýa) Sirk sungaty merkezinden ýerine ýetirijilik ussatlygy üçin ýörite baýraga we Diploma, Halkara žurnalistler eminlerinden «Bürünç manež» kubogyna we Hytaýyň Guandun welaýatynyň Çžuhaý şäherinde geçirilen sirk sungatynyň II halkara festiwalynyň baş baýragyna — Gran-pri Altyn kuboga, Sankt-Peterburg şäherinde geçirilen «Fontankada» atly I Halkara sirk sungaty festiwalynda «Altyn Gaetano» baýragyna mynasyp boldy.

Halkara derejeli festiwallara, bäsleşiklere gatnaşyp, olardan üstünlikli dolanmak, eziz Watanynyň dünýä ýüzündäki abraýyna ujypsyzja bolsa-da goşandyny goşmak her bir ynsanyň beýik arzuwydyr. Bu babatda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalaryny bagtly hasaplamak bolar. Özüniň taryhynda birnäçe döwletlerde görkezme çykyşlaryny gurnan topar ýurdumyzda geçirilýän baýramçylyk dabaralarynda-da dünýäniň çar künjeginden gelen myhmanlaryň el çarpyşmalaryna, sagbolsunlaryna mynasyp bolýar.

Elbetde, türkmen halkynyň ruhy dünýäsinde bedew at aýratyn orna eýedir. Ol milli baýlygyň, ösüş tizliginiň hem-de döwletimiziň okgunly öňe gitmeginiň nyşanydyr. Häzirki döwürde bedew batly ösüşler ýurdumyzyň ähli ugurlarynda aýdyň görünýär. Şunda şanly ýylymyzyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» şygarynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň we hemişelik Bitaraplygymyzyň goşa mukaddeslik hökmünde şöhlelenmegi çuňňur mazmuna eýedir.

**Güljahan BÄŞIMOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 11.04.2026